# YNANÇ HATY

Wena şäheri, Awstriýa Respublikasy 2021-nji ýylyň iýun aýynyň «___»

Men, aşakda gol çeken, **Ataýew Ata Ataýewiç**, 00.00.0000-nji ýylda Aşgabat şäherinde doglan, Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň 5-nji Oguzhan geçelgesiniň 1-nji jaýynyň 1-nji korpusynyň 1-nji öýünde ýaşaýan, (Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap häkimligi tarapyndan 00.00.2000-nji ýylda I-AŞ 000000 belgili pasporty berlen)

şu ynanç haty esasynda:

raýat **Berdiýew Berdi Brediýewiçe**, 00.00.0000-nji ýylda Aşgabat şäherinde doglan, Aşagabat şäheriniň B.Türkmenistan köçesiniň 1-nji jaýynyň 1-njy öýünde ýaşaýan, (Aşgabat şäheriniň Prezident Nyýazow adyndaky etrap häkimligi tarapyndan 00.00.2000-nji ýylda I-AŞ 000000 belgili pasporty berlen)

Hususy eýeçilik hukugynda özüme degişli bolan Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrabynyň 5-nji Oguzhan geçelgesiniň 1-nji jaýynyň 1-nji korpusynyň 1-nji öýümi öz islegine görä, islendik nyrhda we degişli kanunçylygyň talaplaryna laýyk gelýän şertlerde satmaga, satyn almak- satmak şertnamasynda meniň adymdan gol çekmäge, satylan ýaşaýyş öýümiň puluny almaga, bellenilen gozgalmaýan emläk boýunça ähli salgytlary we ýygymlary tölemäge, zerur bolan abatlaýşy geçirmäge, ähli degişli döwlet edaralarynda, şol sanda Aşgabat şäher häkimliginiň ýaşaýyş jaýlaryny hasaba alyş paýlaýyş we resmileşdiriş müdirliginde, Türkmenistanyň ähli banklarynda meniň wekilim bolmaga, töleg tabşyryklaryny amala aşyrmaga, Aşgabat şäheriniň ýaşaýyş jaý ulanyş birleşiginiň degişli ýaşaýyş jaý ulanyş trestiniň ýaşaýyş jaý ulanyş müdirliginde, Aşgabat şäher häkimliginiň ýaşaýyş jaý meseleleri boýunça jemgyýetçilik iş toparynda, Aşgabat şäheriniň degişli etrap häkimliginde, Aşgabat şäheriniň degişli Içeri Işler bölüminde, Aşgabat şäheriniň Tehniki tükelleýiş edarasynda, Aşgabat şäheriniň degişli notarial edaralasynda, TIIM-ň Ilaty pasportlaşdyrmak we hasaba almak müdirliginiň salgylar býurosynda, Aşgabat şäheriniň degişli RÝNÝ bölüminde, AŞTU ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetinde, Aşgabat şäheriniň degişli Agyzsuw edarsynda, Döwletenergogözegçilik edarasynda, Türkmenistanyň Jemagat hojalyk müdirliginiň Aşgabat şäheriniň degişli Ýaşaýyş jaý biržasynda, Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň ýanyndaky Gozgalmaýan emläge bolan hukuklaryň we onuň bilen bagly geleşikleriň döwlet tarapyndan bellige alynmagy baradaky gullugynyň degişli ýerli edarasynda meniň wekilim bolmaga, Göçürme almaga, gerekli resminamalary tabşyrmaga almaga, olara gol çekmäge, Gozgalmaýan emläge bolan eýeçilik hukugy baradaky şahadatnama almaga ynanýaryn.

Görkezilen hereketleri ýerine ýetirmek üçin, degişli döwlet we beýleki edaralarynda, kärhanlarynda we guramalarynda meniň wekilim bolmaga, ähli zerur delilhatlary we resminamalary bermäge, almaga we olara gol çekmäge, meniň adymdan arzalary ýazmaga, olary tabşyrmaga, gerek bolan halatynda ähli çykdajylary çekmäge we şu tabşyryklar bilen bagly beýleki hereketleri ýerine ýetirmäge ygtyýarly edýärin.